ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASY
MEKDEBE ÇENLI WE MEKDEP BILIM MINISTRLIGI
ÝÖRITELEŞDIRILEN BILIM EDARALARY AGENTLIGININ
ÝANYNDAKY PEDAGOGIK USSATLYK WE HALKARA
BAHALANDYRMAK YLMY-AMALY MERKEZI

# UMUMY ORTA WE MEKDEPDEN DAŞARY BILIM EDARALARYNYŇ ENE DILI WE EDEBIÝAT OKUW SAPAGY MUGALLYMLARYNY ATTESTASIÝADAN GEÇIRMEK ÜÇIN HÜNÄR SYNAGYNDA PEÝDALANYLÝAN TEST ÝUMUŞLARYNYŇ

# SPESIFIKASIÝASY

Daşkent – 2026

**UMUMY ORTA WE MEKDEPDEN DAŞARY BILIM EDARALARYNYŇ ENE DILI WE EDEBIÝAT OKUW SAPAGY MUGALLYMLARYNY ATTESTASIÝADAN GEÇIRMEK ÜÇIN HÜNÄR SYNAGYNDA PEÝDALANYLÝAN TEST ÝUMUŞLARYNYŇ SPESIFIKASIÝASY**

Bu spesifikasiýa ene dili we edebiýat sapagyndan umumy orta bilim berýän edaralarynyň mugallymlaryny attestasiýadan geçirmek hünär synagynda peýdalanylýan test ýumuşlarynyň mazmuny, gurşawy, görnüşi, şekili, bahalamak ölçegi we geçirýän tertibine goýulýan talaplardan ybarat.

## I. Umumy ýörelgeler

Bahalamak maksady – talapkärleriň ene dili we edebiýat sapaklary boýunça nazary bilimleri, amaly başarnyk we kompetensiýalaryny kompleks bahalamak.
Bu bahalamagyň netijeleri esasynda pedagog kadrlar attestasiýa kabul edilýän kararlar esasly bolmagyny üpjün etmek maksadynda bahalamagyň ähli basgyçlarynda takyklyk, ynamlylyk, adalat we aýdyňlyk ýörelglerine berjaý edilmegi üpjün edilýär.

## II. Kadalaşdyryjy esaslar

1. Özbegistan Respublikasy Prezidentiniň «Mekdebe çenli we mekdep bilim minstrligi hem-de onuň düzümindäki edaralaryň işjeňligini netijeli guramak çäreleri dogrusynda» 2023-nji ýyl 26-njy maýdaky PF-79-san Permany.
2. Ministrler Kabinetiniň 2021-nji ýyl 17-nji sentýabrdaky «Mekdebe çenli, umumy orta, orta mahsus, professional we mekdepden daşary bilim edaralarynyň pedagog kadrlaryny attestasiýadan geçirmek tertibini gowulandyrmak çäreleri dogrusynda»ky 572-san Karary.
3. Özbegistan Respublikasy Ministrler Kabinetiniň 2023-nji ýyl 29-njy dekabrdaky «Mekdebe çenli, umumy orta, orta mahsus, professional we makdepden daşary bilim edaralarynyň pedagog kadrlaryny attestasiýadan geçirmek tertibini gowulandyrylmagy mynasybetli Özbegistan Respublikasy Ministrler Kabinetiniň «Mekdebe çenli, umumy orta, orta mahsus, professional we makdepden daşary bilim edaralarynyň pedagog kadrlaryny attestasiýadan geçirmek tertibini gowulandyrmak çäreleri dogrusynda» 2021-nji ýyl 17-nji sentýabrdaky 572-san kararyna özgeriş we goşmaçalar girizmek hakynda»ky 692-san Karary.

## III. Bahalamak gurşawy

Ene dili we edebiýat sapagy mugallymlary üçin hünär sapagyndan 35 sany, hünär standartlaryndan 5 sany, pedagogik ussatlyk boýunça 10 sany, jemi 50 sany tets ýumuşy hödür edilýär we umumy test ýumşuny ýerine ýetirmek üçin 105 minut wagt berlen. Munda ýapyk tets ýumuşlaryndan *(diňe bir dogry jogaby talap edýän test ýumuşlary (Y1),*

*laýyklygy anyklamagy talap edýän test ýumuşlary (Y2) we yzygiderliligi talap edýän test ýumuşlary (Y3)* peýdalanylýar. Hünär sapaklaryndan düzülýän test synaglarynyň mazmun ugry we bahalanýan bilim we başarnyklar boýunça bölünişigi aşakdaky tablisada görkezilen:

**Test synaglarynyň mazmun ugry we bahalanýan bilim we başrnyklar boýunça bölünişigi**

*1-nji tablisa*

| Mazmun ugry | Bilim we başarnyklar | Testleriň sany |
|---|---|---|
| **1.ENE DILI** | | **20 sany** |
| **1.1. Okuw sowatlylygy (1 – 5 soraglar)** | | |
| **1.1. Ylmy-köpçülikleýin teksti okap düşünmek** | *– tekstiň mazmunyna laýyk maglumaty anyklamak;*<br>*– tekstiň bölekleriniň arasyndaky mazmun taýdan baglanyşyklary anyklamak;*<br>*– tekstiň hronologiýasyny, yzygiderligini anyklamak;*<br>*– tekstdäki fakt we pikirleri, sebäp-netijelerini anyklamak;*<br>*– maglumatlary deňeşdirmek, umumylaşdyrmak we prosesiň yzygiderligini düşünmek.* | 5 sany |
| **1.2. Dilden amaly peýdalanmak (6 – 15 soraglar)** | | |
| **1.2.1. Sözleýiş we dürs ýazuw** | *- harplar, asyl söz we goşulmalaryň aýdylyşy we ýazuw düzgünini bilmek we peýdalanyp bilmek;*<br>*- goşup, aýryp, kese çyzyk bilen ýazmak düzgünlerini bilmek we peýdalanyp bilmek;*<br>*- baş harplaryň ýazuw düzgüni we göçürmek düzgünlerini bilmek we peýdalanyp bilmek;*<br>*- fonetik özgerişler (sesiň artdyrylmagy, çalşyrylmagy we düşürilmegi)ni tapawutlandyryp bilmek.* | 4 sany |
| **1.2.2. Punktuasiýa** | *- ýazuwda dyngy belgilerini (nokat, sorag, ýüzlenme, köp nokat; otur, tire, iki nokat; nokatly otur, ýaý, goşa dyrnak) dogry ulanyp bilmek;* | 2 sany |

| | | |
|---|---|---|
| **1.2.3. Stil** | *- goşulmalaryň kontekstdäki manysy we wezipesini düşünmek, tapawutlandyryp bilmek hem-de dogry ulanmagy başarmak;*<br>*- sözleriň kontekstdäki manysy we wezipesini düşünmek, tapawutlandyryp bilmek hem-de dogry ulanmagy başarmak;*<br>*- baglaýjylaryň kontekstdäki manysy we wezipesini düşünmek, tapawutlandyryp bilmek hem-de dogry ulanmagy başarmak;*<br>*- berlen ýagdaýa laýyk sözleýşiň nusgalaryny saýlamak.* | 4 sany |
| **1.3. Dil nazaryýeti we lingwistik derňew (15 – 20 soraglar)** | | |
| **1.3. Lingwistik derňew** | *- teksti häzirki türkmen edebi diliniň fonetik standartlary esasynda derňew etmek;*<br>*- teksti häzirki türkmen edebi diliniň leksik standartlary esasynda derňew etmek;*<br>*- teksti häzirki türkmen edebi diliniň morfemik standartlary esasynda derňew etmek;*<br>*- teksti häzirki türkmen edebi diliniň morfologik standartlary esasynda derňew etmek;*<br>*- teksti häzirki türkmen edebi diliniň sintaktik standartlary esasynda derňew etmek;* | 5 sany |
| **2. EDEBIÝAT** | | **15 sany** |
| **2.1. Çeper tekstiň derňewi (21 – 25 soraglar)** | | |
| **2.1. Çeper tekst (proza, drama) derňewi** | *- eser böleginiň umumy mazmunyny düşünmek;*<br>*- açyk aýdylmadyk pikir we ideýalary düşünmek;*<br>*-edebi žanr we žanra degişli häsiýetleri anyklamak;*<br>*-awtoryň usulyna degişli häsiýetleri derňew etmek;*<br>*-çeper suratlandyrma serişdelerini tapmak, olaryň maksady we okuwçylara bolan täsirini derňew etmek;*<br>*-eser bölegi esasynda obrazlara düşündiriş bermek.* | 6 sany |
| **2.2. Edebiýat taryhy (26 – 32 soraglar)** | | |

| | | |
|---|---|---|
| **2.2.1. Milli edebiýat** | *- umumy orta bilim maksatnamasyna girizilen türkmen halk döredijiliginiň nusgalaryny düşünmek, derňew etmek we bahalamak;*<br>*- umumy orta bilim maksatnamasyna girizilen türkmen şygryýetiniň nusgalaryny düşünmek, derňew etmek we bahalamak;*<br>*- umumy orta bilim maksatnamasyna girizilen türkmen prozasynyň nusgalaryny düşünmek, derňew etmek we bahalamak;*<br>*- umumy orta bilim maksatnamasyna girizilen türkmen dramaturgiýasynyň nusgalaryny düşünmek, derňew etmek we bahalamak.* | 5 sany |
| **2.2.2. Dünýä edebiýaty** | *- umumy orta bilim maksatnamasyna girizilen dünýä edebiýatynyň taryhynda ähmiýetli orna eýe bolan epiki we dramatik eserleri düşünmek, derňew etmek we bahalamak;*<br>*- dünýä edebiýatynyň taryhynda ähmiýetli orna eýe bolan liriki eserleri düşünmek, derňew etmek we bahalamak.* | 2 sany |
| **2.3. Edebiýat nazaryýeti we çeper derňew (33 – 35 soraglar)** | | |
| **2.3. Klassiki lirikanyň derňewi** | *- eseriň žanry, ölçegi we kapyýasyny anyklamak;*<br>*- goşgudaky simwollary düşünmek we anyklamak;*<br>*- çeper sungatlary derňew etmek.* | 2 sany |

Hünär sapaklaryndan test ýumuşlaryny düzmekde peýdalanylýan tekstlere goýulýan talaplar aşakdaky tablisada görkezilen:

**Tekstlere goýulýan talaplar**

*2-nji tablisa*

| T/s | Tekstler | Mazmun talaplary | Göwrüm talaplary |
|---|---|---|---|
| **1** | **Ylmy-köpçülikleýin tekst** | *Akademik usulda ýazylan, belli bir ugra bagyşlanan, giň auditoriýa (hünärmen däl) niýetlenen, grafik elementleri öz içine alan ylmy-köpçülikleýin tekst (test tabşyrýanlar üçin nätanyş, ulanyşdaky okuw kitaplara girizilmedik)* | 350-500 söz |
| **2** | **Çeper tekst (proza, drama)** | *Türkmen dilinde ýazylan (ýa-da terjime edilen) çeper tekst (proza ýa-da dramatik eserden bölek) (test tabşyrýanlar üçin nätanyş, ulanyşdaky okuw kitaplara girizilmedik)* | 350-500 söz |

**Hünär standartlary we padagogik ussatlykdan düzülýän test ýumuşlarynyň mazmun ugry we bahalanýan bilim we başarnyklary boýunça bölünişigi**

*3-nji tablisa*

| | | |
|---|---|---|
| **1. HÜNÄR STANDARTY (36 – 40-soraglar)** | | **5 sany** |
| **1.1. Hünär standartlar** | – pedagogyň hünär standartlary (okuw prosesini meýilleşdirmek, bilim netijeliligini üpjün etmek, özleşdirişi bahalamak we gaýtadan aragatnaşygy hödür etmek, terbiýeçilik işini guramak, howpsuzlygy ösdürýän bilim gurşawyny döretmek we üpjün etmek, öz-özüni ösdürmek we hünärini ösdürmek, kärdeşler we okuwçylaryň ata-eneleri bilen hyzmatdaşlyk etmegi) bilmek we pedagogik ýagdaýlarda ulanmak. | 5 |
| **2. PEDAGOGIK USSATLYK (41 – 50 soraglar)** | | **10 sany** |
| **2.1. Umumy pedagogika** | – pedagogika, didaktika, terbiýe we ýaş psihologiýasynyň esaslary, çemeleşmelerini we ýörelgelerini bilmek we berlen ýagdaýa laýygyny saýlap bilmek;<br>– sapak we onuň görnüşlerini bilmek, sapagy meýilleşdirmek, guramak we synpy dolandyrmak çemeleşmelerini konkret ýagdaýlarda ulanyp bilmek;<br>– synp ýolbaşçysynyň hukuk we mejburyýetlerini bilmek, synp resminalary bilen işläp bilmek, olary dogry yzygiderlilikde ýöretmek, synp toparyny dogry şekillendirmek, aragatnaşykda pedagogik etika düzgünlerine amal etmek, ata-eneler bilen hyzmatdaşlygyň netijeli şekillerini saýlamak, problemaly ýagdaýda iň amatly strategik çemeleşmegi ulanmak;<br>– pedagogik etika, sözleýiş, tehnika, döredijilik, pedagogik edep, bilimlilik/kompetentlilik, hünär işjeňliginde zerur pedagogik ukyplar, sözleýiş medeniýeti, takt/ýumşaklyk, kreatiwlik, refleksiýa we hünär taýdan ösmek esaslaryny bilmek we berlen ýagdaýa laýygyny saýlap bilmek;<br>– bilim tehnologiýalary (taslama esaslana bilim, problemaly bilim, hyzmatdaşlykdaky bilim, ewristik bilim, şahsa ugrukdyrylan bilim, interaktiw bilim, differensiýal bilim, integral bilim, oýunly bilim, inklýuziw bilim we başgalar) bilmek we ýagdaýa laýygyny saýlap bilmek ;<br>– bilimlendirişde bahalandyrmagyň esasy düşünjeleri (bahalamagyň maksady, ýörelgeleri, çemeleşmeleri, görnüşleri, metod we tehnologiýalary, serişdeleri)ni bilmek we bahalamak boýunça kabul edilen kararlaryň berlen laýyklygyna baha bermek;<br>– sanly sowatlylyk, döwrebap habar-kommunikasiýa tehnologiýalary, sanly platformalar (e-maktab we başgalar) we resurslaryndan (Microsoft Office programmalary, internet ulgamyndan) peýdalanmagy bilmek; | 7 |

| | | |
|---|---|---|
| **2.2. Okatmak metodikasy** | – sapagyň ugry boýunça okatmak çemeleşmeleri, metodikasy we tehnologiýalaryny bilmek;<br>– sapagyň ugry boýunça okatmagyň usullary we metodlaryny tapawutlandyrmak we berlen ýagdaýa laýygyny saýlamak;<br>– sapagyň ugry boýunça berlen bilimlendiriş ýagdaýyna degişli kabul edilen kararlara baha bermek. | 3 |
| **Jemi** | | **15 sany** |

## Hünär standartlary we pedagogik ussatlykdan düzülýän test ýumuşlarynyň mazmun ugry we bahalanýan bilimleri we endikleri boýunça paýlanyşy

*4-nji tablisa*

| | | |
|---|---|---|
| **1. HÜNÄR STANDARTY (36 – 40-soraglar)** | | **5 sany** |
| **1.1. Hünär standartlar** | – pedagogyň hünär standartlary (okuw prosesini meýilnamalaşdyrmak, bilim netijeliligini üpjün etmek, özleşdirişi bahalamak we gaýtadan aragatnaşygy hödür etmek, terbiýeçilik işini guramak, howpsuzlygy ösdürýän bilim gurşawyny döretmek we üpjün etmek, öz-özüni ösdürmek we hünärini ösdürmek, kärdeşler we okuwçylaryň ata-eneleri bilen hyzmatdaşlyk etmegi) bilmek we pedagogik ýagdaýlarda ulanmak. | 5 |
| **2. PEDAGOGIK USSATLYK (41 – 50 soraglar)** | | **10 sany** |

| | | |
|---|---|---|
| **2.1. Umumy pedagogika** | – pedagogika, didaktika, terbiýe we ýaş psihologiýasynyň esaslar, çemeleşmelerini bilmek we berlen ýagdaýa laýygyny saýlap bilmek;<br>– pedagogikanyň prinsiplerini (aňlylyk we işjeňlik, görkezmelik, sistemalylyk we yzygiderlilik, ylmylyk, nazaryýet we amalyýetiň birligi we başgalar) bilmek we berlen ýagdaýa laýygyny saýlap bilmek;<br>– terbiýe we onuň görnüşlerini bilmek, bir-birinden tapawutlandyrmak we berlen ýagdaýa laýygyny saýlap bilmek;<br>– sapak we onuň görnüşlerini bilmek, sapagy meýilnamalaşdyrmak, guramak we synpy dolandyrmak çemeleşmelerini konkret ýagdaýlarda ulanyp bilmek;<br>– synp ýolbaşçysynyň hukuklaryny we borçlaryny bilmek, synp resminalary bilen işläp bilmek, olary dogry yzygiderlilikde ýöretmek, synp toparyny dogry şekillendirmek, aragatnaşykda pedagogik etika düzgünlerini berjaý etmek, ata-eneler bilen hyzmatdaşlygyň netijeli şekillerini saýlamak, problemaly ýagdaýda iň amatly strategik çemeleşmegi ulanmak;<br>– pedagogik etika, nutk, tehnika, döredijilik, pedagogik edep, bilimlilik/kompetentlilik, aragatnaşyk medeniýeti, takt/ýumşaklyk, kreatiwlik, refleksiýa we hünär taýdan ösmek esaslaryny bilmek we berlen ýagdaýa laýygyny saýlap bilmek;<br>– padogogik ukyp we onuň görnüşlerini (didaktik ukyp, akademik ukyp, persiptiw-pedagogik ukyp, aragatnaşyk medeniýeti, guramaçalyk ukyby, kommunikatiw ukyp, awtoritar ukyp we başgalar) bilmek we konkret ýagdaýlarda ulnyp bilmek;<br>Iptiw – bilim tehnologiýalaryny (taslama esaslanan bilim, problemaly bilim, hyzmatdaşlykdaky bilim, ewristik bilim, şahsa gönükdirilen bilim, interaktiw bilim, differensiýal bilim, integral bilim, oýunly bilim, inklýuziw bilim we başgalar) bilmek we ýagdaýa laýygyny saýlap bilmek. | 7 |
| **2.2. Okatmak metodikasy** | – predmetiň ugry boýunça okatmak çemeleşmelerini, metodikasyny we tehnologiýalaryny bilmek;<br>– predmetiň ugry boýunça okatmagyň usullaryny we metodlaryny tapawutlandyrmak we berlen ýagdaýa laýygyny saýlamak;<br>– predmetiň ugry boýunça berlen bilim beriji ýagdaýyna degişli kabul edilen kararlara baha bermek. | 3 |

Test ýumuşlarynyň kognitiw başarnyklar boýunça bölünişigi aşakdaky tablisada görkezilen:

**Kognitiw başarnyklaryň bölünişigi**

*5-nji tablisa*

| T/s | Kognitiw dereje | Düşündiriş | Test sani |
|---|---|---|---|
| **1** | **Bilmek** | Sapaga degişli nazary maglumatlary, adalgalary, düzgünleri, düşünjeleri ýat tutmak, olaryň mazmunyny, maksadyny we ulanylyşyny düşünmek. | 8 |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 2 | **Ulanmak** | Bilim, düşünje we proseduralary täze (nätanyş) kontekstlerde ulanyp bilmek. | 35 |
| 3 | **Pikir ýöretmek** | Faktlary, delilleri, pikirleri deňeşdirmek, derňew etmek, takmyn etmek we netije(ler) çykarmak. | 7 |

**IV. Bahalamak ölçegi**

Test tabşyrýanlaryň umumy ballyny hasaplamak üçin her bir dogry jogap üçin 2 ball, nädogry jogap üçin 0 ball berilýär. Hünär sapagyndan maksimal ball 100 baly guraýar.

**V. Ýumşuň tertibi**

*Gadagan edilýän serişdeler:* synag wagtynda mobil telefon, akylly sagat, planşet ýa-da elektron ýatlatmalardan peýdalanmak gadagan edilýär.

*Tertip we düzgün:* nusga göçürmek, kömek soramak ýa-da kömek bermek, test synagy dowamynda gürleşmek, rugsatsyz çykmak ýaly ýagdaýlar gadagan edilýär.

Gözegçi düzgüniň bozulmagyny anyklanda, ony resmileşdirip, diňleýjini testden çykarýar we netijesi ýatyrylýar.

**VI. Inklýuziýa we laýyklamak**

Aýratyn tälime mätäçligi bar bolan dalaşgärler üçin goşmaça (umumy wagtyň 15%i mukdarynda) wagt goşup berilýär. Şeýle hem, ýumuşlary bermek şekili we görnüşi hem olara laýyk we amatly şekilde hödür edilýär.

Görmek mümkinçiligi çäklendirilen dalaşgärler soraglary okap bermegi üçin ýörite tehniki kömekçi bilen gelmegine rugsat berilýär, ýöne soragyň dogry jogabyny aýtmak mümkin däl.

**VII. Peýdalanmak üçin maslahat berilýän esasy edebiýatlar**

**Ene dili:**

1. 5-nji synp türkmen dili okuw kitaby(I bölek). A.Alymjanowa, O.Gaýliewa. Daşkent – 2024
2. 5-nji synp türkmen dili okuw kitaby (II bölek). A.Alymjanowa. Daşkent – 2024
3. 6-njy synp türkmen dili okuw kitaby. M.Hanmatow, A.Hanmatow, G.Welbegow. Daşkent – 2022
4. 7-nji synp türkmen dili okuw kitaby. M.Hanmatow, A.Hanmatow, K.Razzakowa. Daşkent – 2022
5. 8-nji synp türkmen dili okuw kitaby. G.Nazarowa, G.Arazowa. Daşkent – 2025
6. 9-njy synp türkmen dili okuw kitaby. I.Arazow, I.Klyçew, G.Söýünowa. Daşkent – 2025

7. 10-njy synp türkmen dili okuw kitaby. G.Nazarowa, G.Arazowa, H.Arazklyçewa. Daşkent – 2022
8. 11-nji synp türkmen dili okuw kitaby. R.Klyçew, M.Berdiýew. Daşkent – 2018

**Edebiýat:**

1. 5-nji synp edebiýat okuw kitaby (I bölek). A.Alymjanowa, G.Welbegow. Daşkent – 2024
2. 5-nji synp edebiýat okuw kitaby (II bölek). A.Alymjanowa, G.Welbegow. Daşkent – 2024
3. 6-njy synp edebiýat okuw kitaby. R.Klyçew, D.Arazow. Daşkent – 2022
4. 7-nji synp edebiýat okuw kitaby. G.Soýunowa, I.Arazow, S.Hydyrow. Daşkent – 2022
5. 8-nji synp edebiýat okuw kitaby. R.Klyçew, G.Welbegow. Daşkent – 2025
6. 9-njy synp edebiýat okuw kitaby. G.Welbegow, R.Klyçew. Daşkent – 2025
7. 10-njy synp edebiýat (I, II bölekler) okuw kitaby. G.Welbegow, K.Razakowa. Daşkent – 2024
8. 11-nji synp edebiýat okuw kitaby. I.Arazow, R.Klyçew. Daşkent – 2018

**Pedagogika we hünär standartlary**

1. Türkmen dilini okatmagyň metodikasy. M.Hanmatow. Nöküs - 2008
2. Häzirki zaman türkmen dili. N.Nartyýew, M.Penjiýew, A.Myradow. Türkmenistan Bilim ministrligi – 2022
3. Sözleýiş medeniýeti. M.Hanmatow. Nöküs – 2008
4. Türkmen dilini okatmagyň metodikasy. O.Gaýliýewa. Nöküs – 2011
5. Husanbaýewa K., Niýozmetowa R. Edebiýaty okatmagyň metodikasy (I-II). Okuw kitaby. – Daşkent: «Innawasiýa-ziýo» neşirýaty, 2022. – 400 sah. // – 392 sah.
6. Mavlonova R.A., Umumiy pedagogika. Darslik. – Toshkent: Fan va texnologiyalar, 2018. – 528 b.
7. Xoliqov A. Pedagogik mahorat. Darslik, – Toshkent: “Bayoz” nashriyoti, 2025. – 504 b.
8. Tolipov O‘., Ro‘ziyeva D. Pedagogik texnologiyalar va pedagogik mahorat. O‘quv qo‘llanma. – Toshkent: “Innovatsiya-ziyo” nashriyoti, 2019. – 276 b.

**Normatiw-hukuk esaslary**

1. Özbegistan Respublikasynyň «Bilim dogrusynda»ky Kanuny. 2020.
2. Özbegistan Respublikasynyň «Pedagogyň statusy dogrusynda»ky Kanuny. 2024.
3. Umumy orta bilim mekdebi mugallymynyň hünär standarty.

***Ýatlatma:*** *test ýumuşlarynyň mazmuny maslahat berlen edebiýatlarda bar bolan mazmun , ugur we çemeleşmeler bilen laýyklaşdyrylýar, emma test ýumuşlary göni çeşmelerden alynmaýar. Hünär synagyna taýýarlanmak wagtynda maslahat berlen edebiýatlar ýatda saklamak serişdesi hökmünde hyzmat etmekden görä, umumy hünär taýýarlyklaryny berkitmäge ugrukdyrylan.*